*MAGTYMGULY-PYRAGY*

# DUMAN PEÝDA

Gelse nowruz äleme, reñ kylar jahan peỳda,
Ebrler owaz urup, dag kylar duman peỳda,
Bijanlar jana gelip, açarlar dahan peỳda,
Gögermedik giỳalar, gögerip rowan peỳda,
Ederler haỳwanatga hem sud-u zyỳan peỳda,
Ỳer ỳüzüne ỳaỳylyp, ỳörirler nahan peỳda,
Wabestde dahan guşlar kylarlar zyban peỳda.

Çöl tarapyn berk edip, der açar suwa harçeñ,
Zemin sebzezar olup, teninden aỳrylar zeñ,
Jünbendeler mest olup, göỳä içmiş arak, beñ,
Her eşỳanyñ özüne öz owazy bolar geñ,
Sebze içre sandywaç ỳüz tilde kylar äheñ,
Zemin hyzyrpuş olup, gül bitirmiş reñbe-reñ,
Hyruja gelip älem, kylarlar pygan peỳda.

Surud-u seda birle, jahan ỳüzi abatdyr,
Olma suruda magrur, paỳanasy bibatdyr,
Hak yşkynda zinde jan, biliñ, baky-haỳỳatdyr,
Her tende ki yşk olmaz, ruzy-ezel641 ematdyr,
Ỳaz ötinçä ỳer-u gök, günden-güne zyỳatdyr,
Bir haşry-kyỳamatdyr, bir ỳowmy-arasatdyr,
Dähr içre bolar her dem, jahan içre jan peỳda.

Zerbaba zowkun olma, baka ỳokdur döwletde,
Ömrüñi bada berme, sen bu darel-mähnetde,
Ỳeter saña ir-u giç, ne ỳazylsa kysmatda,
Janyñy jepa eỳläp, munça gezme hasretde,
Sowap ỳagşy amalda ỳa jud ỳagşy niỳetde,
Älem barça hyzmatda, adam ỳatyp gaflatda,
Hasylyñ ataş bolgaỳ, eỳleseñ ỳaman peỳda.

Magtymguly, ỳyglar men bu bagty-syỳahymdan,
Gorkaram jan apaty, el-aỳak guwähimden,
Umydym hasyl olmaz, bu ömri-tebahymdan,
Jan köỳdi jeset içre bu ataşy-ahymdan,
Golum sunup, dilär men hajatym allahymdan,
Bende men, umydym köp ol keremli şahymdan,
Eỳlegeỳ arasatda gül kibi iman peỳda.